# Goýber geçmiş, geljegime gideýin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Goýber geçmiş, geljegime gideýin GOÝBER GEÇMIŞ, GELJEGIME GIDEÝIN.

Geçen ýyllar düzülipdir nyzama,
Olar menden öýkeli deý görünýär.
Duýgudaşlyk edýän deýin yzama,
Gursagymda ýürek sessiz urunýar.

Bu gussa duýdansyz nirden ýetişdi?
Ynjalykdan gaçdym, aldy mazamy.
Ýene ýatlamalaň yzyna düşdi,
Hakyda kölünde küreksiz gämi.

Goýber meni geçmiş, geljegme sary.
Tutan maksatlarmy wysal edeýin.
Üzülende ömrüň inçelen tary,
Gözlermi parahat ýumup gideýin.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular